**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 12-nji noýabryndaky №123 buýrugy bilen tassyklanyldy**

## №1–sçt "Suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň işleýşi barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GOLLANMA

### Umumy düzgünler

Suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň işleýşi barada döwlet statistik hasabat forma häkimlikliginiň garamagynda bolan we özbaşdak balansynda duran şeýle hem ähli ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralarynyň we kärhanalaryň balansynda duran suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumy önümçiligindäki kärhanalar (guramalar) tarapyndan düzülýär.

Eger hasabat berýän kärhana (gurama) şäher we oba ýerlerinde suw çüwdürimleriň we suw çüwdürimler toplumlarynyň peýdalanylmagyny üpjün edýän bolsalar, onda şäher ýerleri we oba ýerleri boýunça aýratyn iki hasabat düzülýär.

Lagym ulgamyna şertleýin hapalanan arassa suwy goýbermek üçin sowujy turbalary bolmadyk we gurluşy ýönekeý bolan çüwdürimlere hyzmat edýän kärhanalar (guramalar) hasabat tabşyrmaýarlar.

Suw çüwdürimleriň we suw çüwdürimler toplumlary ministrliklerden we pudaklaýyn edaralaryndan häkimlikliginiň garamagyna geçirilse, onda suw çüwdürimleri we çüwdürimler toplumlarynyň Jemagat hojalygy ministrliginiň garamagynda ýa-da beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralarynyň ulgamynda işlän wagty boýunça aýratyn hasabat düzülýär.

Suw çüwdürimler we suw çüwdürimler toplumlar ministrliklerden we pudaklaýyn edaralaryndan häkimlikliginiň balansyna geçirilse, suw çüwdürimleriň we suw çüwdürimler toplumlarynyň ulanylşy barada hasabaty häkimlikliginiň we beýleki ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn edaralarynyň hakyky işlenen döwri boýunça düzülýär. Bu ýagdaýlarda hasabata düşündiriş haty goşulýar, onda suw çüwdürimler we suw çüwdürimler toplumlar haýsy ministrlikden we pudaklaýyn edarasyndan kabul alnandygyny ýa-da kime berlendigini görkezmek zerurdyr.

### 1 BÖLÜM. BAR BOLAN SUW ÇÜWDÜRIMLERINIŇ WE SUW ÇÜWDÜRIMLER TOPLUMLARYNYŇ SANY (ÝYLYŇ AHYRYNA)

**01 setirde** suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň sany, **02 setirde** bolsa hasabat berýän kärhananyň (guramanyň) balansynda duran suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň suwyny kabul edýän howdanlaryň (suw kabul edýän howuzlarynyň) sany görkezilýär.

Basyş astynda owadan suw akymynyň berilmegi we çüwdürilmegi üçin inžener binagärçilik-desgalaryň toplumyna suw çüwdürimi diýilýär.

Suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň desgalarynyň düzümine aşakdakylar: suw kabul edýän howdanlaryň (suw kabul edýän howuzy), basyşy güýçlendiriji enjamlar, suw geçirijiler we lagym ulgamy arkaly ýa-da daşky suw geçiriji ulgamda basyşyň täsiri astynda suw akymynyň çüwdürilmegini emele getirýän dürli şekilli oturtma enjamlary bolan turbalar ulgamy girýär. Olar ýeke-täk binagärçilik-kompozisiýa birleşip, suw çüwdürimler toplumlarynyň gurlan ýerleriniň binagärçilik toplumyny emele getirýär.

**03 setirde** suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň suw kabul edýän howdana (suw kabul edýän howuzlaryna) näçe suw ýerleşýändigi görkezilýär (bir gezek doldurylandaky suwuň möçberi).

**04 setirde** suw geçiriji ulgamyň düzüm bölekleriniň umumy uzynlygy görkezilýär. Bu ulgama kärhananyň, guramanyň balansynda duran suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň işlemegi üçin suwy geçirýän ähli geçiriji turbalar goşulýar.

**05 setirde** lagym ulgamynyň düzüm bölekleriniň umumy uzynlygy görkezilýär. Bu ulgama ähli geçiriji turbalar birigip, olar arkaly şertleýin arassa lagym suwlary suw kabul edýän howdanlar (suw kabul edýän howuzlar) boşanda gök agaçlary suwarmak üçin göniden-göni şäheriň, şäherçäniň we oba ýerleriniň lagym ulgamyna sowulýar.

**06 setirde** suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň işlemegi üçin suwuň berlişini amala aşyrýan kärhanada bar bolan ähli 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleriň kesgitlenen bermeli suwy görkezilýär. Ol ýylyň ahyryna ähli oturdylan sorujylaryň olaryň abatlaýyşda bolandygyna ýa-da dürli sebäplere görä işlemän durandygyna (abatlaýyşda, iş tertibi boýunça we ş.m.) garamazdan, berýän suwunyň möçberini anyklamak arkaly kesgitlenilýär.

Her sorujynyň berilişi sorujy enjamynyň tehniki pasportynda görkezilen çykaryjy zawodynyň maglumatlary boýunça kesgitlenilýär.

**07 setirde** 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleriň ýerasty çeşmelerden bellenen bermeli suwy görkezilýär.

Suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlary №1-sçt formanyň 1-nji bölüminde 04 we 05 setirleriň maglumatlary bir onluk belgi bilen, galanlary bolsa bitin sanlar bilen görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## SUW ÇÜWDÜRIMLERINIŇ WE SUW ÇÜWDÜRIMLER TOPLUMLARYNYŇ IŞLEÝŞI
## (ÝYLYŇ AHYRYNA)

**01 setirde** kärhanada (guramada) bar bolan 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleri arkaly suw çüwdürimleriniň we çüwdürimler toplumlarynyň işlemegini üpjün etmek maksady bilen bir ýyl üçin berlen suwuň möçberi görkezilýär.

**02 setirde** 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleri arkaly ýerasty çeşmelerden berlen suwuň moçberi görkezilýär.

**03 setirde** suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň bir ýylyň dowamynda işlemegi üçin berlen suwuň möçberi görkezilýär. Ol suwy çüwdürimlere we suw çüwdürimler toplumlaryna eltýän geçiriji turbalarda oturdylan harçlanýan suwy hasaba alýan enjamlaryň maglumatlary boýunça tehniki kitapçalardaky edilen ýazgylara baglylykda kesgitlenilýär.

Harçlanýan suwy hasaba alýan enjam ýok bolsa, onda berlen suwuň möçberi suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň suw kabul edýän howdanlarynyň (suw kabul edýän howuzlarynyň) boşamagy we olaryň doldurylyşynyň şäherleriň, şäherçeleriň häkimlikleri we oba ýerleriniň arçynlyklary tarapyndan tassyklanan tertibine laýyklykda, näçe suw ýerleşýändigi bilen kesgitlenilýär.

03 setirde “Suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň işi üçin alnan suw” görkezijisinde suw öz 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleriniň sorujy agregatlary tarapyndan berlenini, ýa-da şäheriň merkezleşdirilen suw geçirijisi, ýa-da beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralarynyň ýerasty çeşmelerinden alnanmy, ýagny suwuň haýsy çeşmeden alnandygyna garamazdan, ähli berlen suwy hasaba almak zerur.

**04 setirde** öz sorujy agregatlary arkaly berlen suwuň möçberi görkezilýär.

**05 setirde** başga ýerden alnan suwuň möçberi görkezilýär.

Başga ýerden alnan suwuň möçberi (alnan suw) hasabat ýylynda harçlanan suwy bellige alan enjamlaryň görkezmeleri esasynda suw bilen üpjün edýänleriň hasaplarynyň maglumatlary boýunça kesgitlenilýär.

**06** setirde hasabat ýylynda şäheriň merkezleşdirilen geçiriji turbasyndan alnan suwuň möçberi görkezilýär.

**07 setirde** hasabat ýylynda başga ýerden ýerasty çeşmeden alnan suwuň möçberi görkezilýär.

**08 setirde** suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň suw kabul edýän howdanlary (suw kabul edýän howuzlary) boşadylanda gök ekinleri suwarmak üçin beýleki lagymlara ýa-da suwaryş ulgamlaryna sowulýan arassa akar suwlaryň möçberi görkezilýär.

**09 setirde** beýleki lagymlara ýa-da aýratyn lagym ulgamlaryna berilýän arassa akar suwlaryň möçberi görkezilýär.

**10 setirde** gök ekinleri suwarmak üçin berlen şertli arassa akar suwlaryň moçberi görkezilýär.

**11 setirde** hasabat ýylynda suw ýitgisi we göz öňünde tutulmadyk suw harajatlary görkezilýär. Kärhananyň balansynda duran suw çüwdürimleriň we suw çüwdürimler toplumlarynyň işlemegi üçin suw geçiriji turbalaryň bekleýji santehnik armaturanyň döwükligi, netijesinde, şeýle hem bu ulgamlaryň bozulmagy sebäpli suw ýitgisi bolýar. Göz öňünde tutulmadyk suw harajatlary bugarma we ýel eroziýasy netijesinde bolýan suw ýitgilerini hem öz içine alýar.

**Goşmaça maglumat:**

01 setirde ýyl boýunça suw çüwdürimleriň we suw çüwdürimler toplumlarynyň peýdalanylyşyna buhgalter hasaba alyş maglumatlary boýunça edilýän çykdajylar görkezilýär.

02 setirde suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň peýdalanylyşy boýunça önümçilikde işleýänleriň san taýdan düzümi görkezilýär. Olara kömekçi bölümçeler (abatlaýyş ussahanalary, ulag we ş.m.), şeýle hem edara ediş-dolandyryş işgärleri hem goşulýar.

**Durmuş statistikasy müdirligi**